Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň
2020-nji ýylyň 12-nji martynda çykaran 33-Ö belgili
**B U Ý R U G Y**

**Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijini tassyklamak hakynda**

"Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän şahsy taraplary hasaba almagyň meseleleri hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň 13-nji fewralynda çykaran 14 606-njy kararyndan gelip çykýan wezipeleriň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen **buýurýaryn**:

1. Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň döwlet belligine alnan gününden başlap, 10 (on) iş gününiň dowamynda resmi çap edilmegini üpjün etmeli we resmi çap edilen güni bu barada Türkmenistanyň Adalat ministrligine habar bermeli.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň orunbasary H.Taçjanowa gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M.Sylapow**

*Ylalaşyldy:*

| | |
|---|---|
| *Aşgabat şäheriniň häkimi*<br>*«12» mart 2020 ý.* | *Ý.Gylyjow* |
| *Türkmenistanyň Içeri işler ministri*<br>*«12» mart 2020 ý.* | *M.Çakyýew* |
| *Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministr*<br>*«12» mart 2020 ý.* | *R.Gandymow* |
| *Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministri*<br>*«12» mart 2020 ý.* | *E.Annamuhammedow* |
| *Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy*<br>*«12» mart 2020 ý.* | *M.Gurdow* |
| *Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministri*<br>*«12» mart 2020 ý.* | *N.Amannepesow* |

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty
durmuş taýdan goramak ministriniň
2020-nji ýylyň 12-nji martynda
çykaran 33-Ö belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

**Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdiriji**

(Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2025-nji ýylyň 18-nji iýulynda 1 887 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2025-nji ýylyň 1-nji iýulynda çykaran 86-iş belgili buýrugy esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

1. Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdiriji (mundan beýläk – Gözükdiriji) Türkmenistanyň Prezidentiniň 2012-nji ýylyň 6-njy ýanwarynda çykaran 11992-nji karary bilen tassyklanan Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi hakynda düzgünnama we "Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän şahsy taraplary hasaba almagyň meseleleri hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň 13-nji fewralynda çykaran 14606-njy karary bilen tassyklanan Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän şahsy taraplary hasaba almagyň Tertibine (mundan beýläk – Tertip) laýyklykda işlenip taýýarlandy.

Şu Gözükdiriji Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän, Aşgabat şäherinde ýazga ýa-da bellige alynmadyk Türkmenistanyň raýatlaryna, şeýle hem Türkmenistanda ýaşaýan daşary ýurt raýatlaryna we raýatlygy bolmadyk adamlara (mundan beýläk – adamlar) Aşgabat şäherinde zähmet işini amala aşyrmaga iş rugsatnamasyny (mundan beýläk – iş rugsatnamasy) almak üçin ýüztutmalary bermegiň, olary kabul etmekligiň, seljermekligiň we Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän şahsy taraplary hasaba almak boýunça pudagara toparynyň (mundan beýläk – Topar) garamagyna hödürlemegiň, iş rugsatnamasyny resmileşdirmegiň we bermegiň tertibini düzgünleşdirýär.

2. Adamlary Aşgabat şäherinde zähmet işini amala aşyrmak üçin zähmet ýa-da işleri ýerine ýetirmek (hyzmatlary etmek) boýunça raýat-hukuk şertnamalary esasynda Türkmenistanyň ýuridik şahslary, daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistanyň çäklerinde hereket edýän ýuridik şahslary we olaryň şahamçalary hem-de wekillikleri, şeýle hem özbaşdak iş bilen meşgullanýan hususy telekeçiler hem-de fiziki şahslary (mundan beýläk – iş beriji) çagyrýarlar.

Özbaşdak iş bilen meşgullanmaga gelýän hususy telekeçileriň hem-de fiziki şahslaryň (mundan beýläk-özbaşdak iş bilen meşgullanýan) özüne iş rugsatnamasyny almak üçin çagyrýan tarapyň bolmagy hökmany şert hasaplanmaýar.

3. Iş rugsatnamasyny almak boýunça talap şu aşakdaky adamlar babatda bildirilmeýär:

1) Türkmenistanyň Prezidentiniň namasy bilen wezipä bellenen adamlar;

2) saýlawly wezipä bellenen adamlar;

3) harby we hukuk goraýjy edaralarynyň harby gullukçylary we gullukçylary;

4) Türkmenistanyň Prezidentiniň namasy bilen, Aşgabat şäherinde zähmet işini amala aşyrmaga rugsat berlen dolandyryş-çäk birliklerinde ýazga ýa-da bellige alnan adamlar.

4. Şu Gözükdirijiniň üçünji böleginde görkezilenlere degişli bolmadyk adamlar Aşgabat şäherinde zähmet işini Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi (mundan beýläk – Ministrlik) tarapyndan berilýän iş rugsatnamalary esasynda amala aşyrýarlar.

5. Aşgabat şäherinde zähmet işini amala aşyrýan adamlaryň zähmet şertleri, zähmete hak tölemegiň we zähmeti goramagyň, olary ätiýaçlandyrmagyň tertibi hem-de durmuş üpjünçiligi Türkmenistanyň kanunçylygy arkaly kesgitlenýär.

6. Iş rugsatnamasyny resmileşdirmek üçin Ministrlige iş berijiler tarapyndan berilýän ýüztutmanyň nusgasyna (şu Gözükdirijä 1-nji goşundy) we özbaşdak iş bilen meşgullanýan tarapyndan berilýän ýüztutmanyň nusgasyna (şu Gözükdirijä 2-nji goşundy) laýyklykda düzülen ýüztutma bilen ýüzlenilýär.

7. Iş berijileriň ýüztutmasyna şu aşakdaky resminamalar goşulýar:

1) iş beriji tarapyndan doldurylýan sowalnama (şu Gözükdirijä 3-nji goşundy);

2) iş berijiniň tertipnamasynyň (ýa-da düzgünnamasynyň) nusgasy;

3) iş beriji – döwlet edarasy bolanda, onuň ýokarda durýan edarasynyň (ministrligiň, pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň, häkimligiň) bu mesele boýunça ylalaşylandygyny tassyklaýan resminamasy (bu talap ministrligiň, pudaklaýyn dolandyryş edaranyň, häkimligiň merkezi edarasyna işe çagyrylýan adamlara degişli däldir);

4) iş berijiler tarapyndan Aşgabat şäherinde zähmet işini amala aşyrmak üçin çagyrylan adamlaryň sanawy (şu Gözükdirijä 4-nji goşundy);

5) iş beriji tarapyndan çagyrylýan adamlaryň pasportynyň ýa-da onuň ornuny tutýan resminamasynyň nusgasy;

6) iş beriji tarapyndan çagyrylýan adamlaryň hünärini tassyklaýan resminamanyň nusgasy (eger bar bolsa);

7) iş beriji tarapyndan çagyrylýan adamlaryň (özbaşdak iş bilen meşgullanýanlaryň) ýaşaýyş meýdany bilen üpjünçiligini tassyklaýan resminamalar.

8. Özbaşdak iş bilen meşgullanýanlar ýüztutmasyna şu Gözükdirijiniň ýedinji böleginiň 6-njy, 7-nji bentlerinde görkezilen resminamalary, Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän özbaşdak iş bilen meşgullanýan barada maglumaty (şu Gözükdirijä 5-nji goşundy) kagyz hem-de elektron göterijide - Microsoft Excel programmasynda, özüniň pasportynyň ýa-da onuň ornuny tutýan resminamasynyň nusgasyny goşmalydyr.

9. Iş rugsatnamalary resmileşdirilende Aşgabat şäheriniň ýaşaýjylarynyň boş iş orunlaryny eýelemäge artykmaç hukugy baradaky ýörelge berjaý edilmelidir.

10. Ýüztutmalar Ministrlikde hasaba alynýar, zerur bolanda degişli seljermeler geçirilýär we Toparyň nobatdaky mejlisine girizilmegi üçin Toparyň kätibine geçirilýär. Seljermäniň dowamynda takyklanmagy zerur diýip hasaplanan

meseleler boýunça Toparyň kätibi Toparyň başlygyny habarly etmek arkaly, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda syr hasaplanylmaýan maglumatlary, goşmaça resminamalary sorap biler.

11. Toparyň kätibi ýüztutmalary Iş rugsatnamasyny resmileşdirmek üçin berlen ýüztutmalary hasaba alynýan kitapda (şu Gözükdirijä 6-njy goşundy) we elektron görnüşinde hasaba alýar. Hasaba alnan ýüztutmalar we olara goşulýan resminamalar Toparyň nobatdaky mejlisinde Toparyň garamagyna hödürlenýär.

12. Ýüztutmalar we olara goşulýan resminamalar kabul edilen gününden başlap, 15 (on bäş) senenama gününiň dowamynda seredilmäge degişlidir. Bu möhlet zerur halatlarda 30 (otuz) senenama gününe çenli uzaldylyp bilner.

13. Toparyň mejlisi oňa hödürlenýän ýüztutmalaryň gelip gowuşmagyna baglylykda aýda 2 (iki) gezekden az bolmadyk tertipde Ministrlikde geçirilýär. Toparyň mejlislerini geçirmegiň anyk möhleti we wagty, şu Gözükdirijide bellenen kadalaryň çäklerinde Toparyň agzalarynyň umumy ylalaşygy esasynda kesgitlenýär.

Toparyň mejlisiniň geçirilmeli wagty onuň geçiriljek gününden 2 (iki) iş güni öň Toparyň agzalaryna, olaryň iş ýerine ibermek arkaly habar berilýär.

14. Toparyň mejlisine onuň agzalarynyň umumy sanynyň üçden iki böleginiň gatnaşan ýagdaýynda Topar meselelere garamaga we çözgüt kabul etmäge ygtyýarly hasap edilýär.

Toparyň başlygynyň bolmadyk wagty Toparyň mejlisini onuň orunbasary geçirýär. Toparyň başlygynyň we onuň orunbasarynyň mejlise gatnaşmak mümkinçiligi bolmadyk halatynda, mejlisiň geçirilmegine ýol berilmeýär we onuň wagty üýtgedilýär.

15. Toparyň başlygynyň hem-de onuň agzalarynyň her biriniň bir ses hukugy bardyr. Toparyň çözgütleri onuň mejlisine gatnaşýan agzalarynyň sesleriniň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär. Mejlise gatnaşýanlaryň sesleri deň gelen halatynda gutarnykly çözgüt Toparyň başlygy tarapyndan kabul edilýär.

Topar tarapyndan kabul edilýän çözgütler teswirnama görnüşinde resmileşdirilýär. Teswirnama Toparyň mejlisine gatnaşan agzalary tarapyndan gol çekilýär.

16. Toparyň esasy wezipeleri:

1) ýüztutmalara we olara goşulýan resminamalara garamak;

2) işe çagyrylýanlaryň (özbaşdak iş bilen meşgullanýanlaryň) ýaşaýyş meýdany bilen üpjünçiligini seljermek;

3) iş rugsatnamasyny bermek ýa-da bermekden ýüz döndermek, onuň möhletini uzaltmak ýa-da uzaltmakdan ýüz döndermek, bir iş berijiden beýleki iş berijä geçirmek ýa-da geçirmekden ýüz döndermek barada çözgüt kabul etmek;

4) iş rugsatnamasynyň hereketini duruzmak, iş rugsatnamasyny ýatyrmak hakynda çözgüdi kabul etmek;

5) öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde beýleki meselelere garamak bolup durýar.

17. Şu Gözükdirijiniň on altynjy böleginde görkezilen wezipeleriň durmuşa geçirilmegi üçin Toparyň agzalary Toparyň mejlisine hödürlenen ýüztutmalar boýunça özüniň belliklerini we tekliplerini berýärler, ýüztutmanyň kanagatlandyrylmagy ýa-da kanagatlandyrylmazlygy barada delillendirilen şahsy

pikirini beýan edip, ses berýärler, özleriniň wezipe ygtyýarlyklaryna laýyklykda beýleki işleri ýerine ýetirýärler.

18. Toparyň kätibi şu Gözükdirijide bellenen özüniň üstüne ýüklenen işleri ýerine ýetirýär, ýüztutmalary ýörite kitapda hasaba alýar, Toparyň indiki geçiriljek mejlislerine maglumatlary taýýarlaýar, Toparyň indiki geçiriljek mejlisiniň gün tertibini taýýarlaýar we Toparyň başlygy bilen ylalaşyp, Toparyň agzalarynyň garamagyna ýetirýär, Toparyň mejlisinde kabul edilen çözgütler esasynda Toparyň mejlisiniň teswirnamasyny düzýär, Toparyň iş rugsatnamalarynyň resmileşdirilmegini, ýüztutmanyň eýesine gowşurylmagyny guraýar.

19. Zerur bolanda iş berijiler (özbaşdak iş bilen meşgullanýan) tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylyk namalaryna laýyklykda bellenen kadalaryň berjaý edilşine gözegçilik etmek üçin Toparyň mejlisiniň çözgüdi esasynda Pudagara topary tarapyndan seljerme geçirmeklik bellenilýär. Seljerme geçirilmegi zerur hasaplanan iş berijileriň (özbaşdak iş bilen meşgullanýan) sanawy we seljerme geçirmegiň möhleti Toparyň çözgüdinde kesgitlenýär.

20. Iş rugsatnamasyny bermek, iş rugsatnamasynyň möhletini uzaltmak hem-de başga bir iş berijiden beýleki iş berijä geçirmek barada Toparyň çözgüdi esasynda Ministrlik tarapyndan iş rugsatnamasy resmileşdirilýär. Iş rugsatnamasyna Toparyň başlygy bolup durýan Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň orunbasary tarapyndan gol çekilýär we möhür bilen güwä geçilýär.

21. Iş rugsatnamasyny bermekden, onuň möhletini uzaltmakdan, bir iş berijiden beýleki bir iş berijä geçirmekden ýüz döndermek hakynda Topar tarapyndan çözgüt kabul edilenden soň, Ministrlik bu barada 5 (bäş) iş gününiň dowamynda iş berijä (özbaşdak iş bilen meşgullanýana) ýazmaça görnüşde delillendirilen habar berýär.

22. Iş beriji (özbaşdak iş bilen meşgullanýan) iş rugsatnamasyny bermekden, onuň möhletini uzaltmakdan, bir iş berijiden beýleki bir iş berijä geçirmekden ýüz dönderilmegi bilen ylalaşmadyk halatynda, çözgüt barada Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde kazyýete şikaýat edip biler.

23. Iş rugsatnamasyny bermekden, onuň möhletini uzaltmakdan ýa-da bir iş berijiden beýleki bir iş berijä geçirmekden ýüz döndermek baradaky çözgüde gaýtadan seretmeklige delillendirilen esaslar bolan ýagdaýynda oňa Topar tarapyndan bellenen tertipde gaýtadan garalýar.

24. Iş rugsatnamasyny bermek, onuň möhletini uzaltmak ýa-da ýüz döndermek üçin şu aşakdakylar esas bolup biler:

1) iş beriji işgäri öz tertipnamasynda (düzgünnamasynda) göz öňünde tutulmadyk iş bilen meşgullanmak üçin çagyrýan bolsa;

2) iş beriji işe çagyrylan adam bilen baglaşan zähmet ýa-da raýat-hukuk şertnamalary esasynda öz borçlaryny ýerine ýetirmeýän bolsa;

3) işe çagyrylan adamyň, özbaşdak iş bilen meşgullanýanyň ýaşaýyş jaýy bilen üpjünçiligi kanunçylyk arkaly bellenen talaplara laýyk gelmeýän halatynda;

4) şu Gözükdirijiniň dokuzynjy böleginde beýan edilen talabyň berjaý edilmezligi;

5) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki halatlarda.

25. Iş berijilere berilýän rugsatnama (şu Gözükdirijä 7-nji goşundy), Aşgabat şäherinde özbaşdak iş bilen meşgullanýana berilýän rugsatnama (şu Gözükdirijä 8-nji goşundy) olar tarapyndan soralýan möhlete resmileşdirilýär, ýöne ol 1 (bir) ýyldan köp bolup bilmez.

Iş rugsatnamasyna iş berijiler tarapyndan Aşgabat şäherinde zähmet işini amala aşyrmak üçin çagyrylan we iş rugsatnamasy berlen adamlaryň sanawy (şu Gözükdirijä 9-njy goşundy) ýa-da iş rugsatnamasy berlen özbaşdak iş bilen meşgullanýan barada maglumat (şu Gözükdirijä 10-njy goşundy) goşulýar.

26. Berlen iş rugsatnamasy başga iş berijilere berilmäge degişli däldir, işgäri bir iş berijiden beýleki iş berijä geçirmek, şol sanda özbaşdak iş bilen meşgullanýan üçin iş ugruny üýtgetmek Topara täzeden ýüz tutmak esasynda amala aşyrylýar.

27. Iş beriji tarapyndan işe çagyrylan adam diňe iş rugsatnamasynda görkezilen hünär, kär boýunça işe çekilýär, özbaşdak iş bilen meşgullanýan tarap bolsa görkezilen iş ugry boýunça işi amala aşyrýar.

28. Iş rugsatnamasynyň möhletini uzaltmak üçin Ministrlige iş beriji tarapyndan iş rugsatnamanyň möhletini uzaltmak üçin berilýän ýüztutmanyň nusgasyna (şu Gözükdirijä 11-nji goşundy), özbaşdak iş bilen meşgullanýan tarapyndan iş rugsatnamanyň möhletini uzaltmak üçin berilýän ýüztutmanyň nusgasyna (şu Gözükdirijä 12-nji goşundy) laýyklykda doldurylan ýüztutma bilen ilki berlen iş rugsatnamanyň möhletiniň tamamlanmagyndan öň şu Gözükdirijiniň ýedinji böleginiň 1-nji, 4-nji, 5-nji, 6-njy we 7-nji bentlerinde görkezilen resminamalar bilen ýüzlenilýär.

Iş berijilere berlen iş rugsatnamanyň möhletiniň uzaldylandygy baradaky habarnama (şu Gözükdirijä 13-nji goşundy), özbaşdak iş bilen meşgullanýana berlen rugsatnamanyň möhletiniň uzaldylandygy baradaky habarnama (şu Gözükdirijä 14-nji goşundy) soralýan möhlete resmileşdirilýär, ýöne ol 1 (bir) ýyldan köp bolup bilmez.

29. Iş beriji şulara borçludyr:

1) boş iş orunlaryna işe kabul etmek üçin Aşgabat şäheriniň ýaşaýjylaryndan dalaşgärleri gözlemäge;

2) işe çagyrylýan adamlara Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan hukuklaryny we borçlaryny öz wagtynda düşündirmäge, olaryň Aşgabat şäherinde bolmagynyň tertibini berjaý etmegini üpjün etmäge hem-de şol borçlary ýerine ýetirmek barada öz ýüztutmalarynda ýazmaça bellik etmäge;

3) işe çagyrylýan adamlary ýaşaýyş meýdany bilen üpjün etmäge;

4) kanunçylyk namalarynda bellenen tertipde (iş rugsatnamasynda görkezilen möhlete çenli) bolýan ýeri boýunça bellige alynmagy üçin degişli migrasiýa gullugynyň edaralaryna ýüz tutmaga;

5) özüniň hukuk salgysy boýunça Pensiýa gaznasynyň degişli bölüminde iş rugsatnamasy resmileşdirilen adamlaryň “Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda ätiýaçlandyrylýan adam hökmünde hasaba alynmagyny we olar üçin pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça bellenen tertipde ätiýaçlandyrma gatançlarynyň tölenilmegini üpjün etmäge;

6) işe çagyrylan adam işden boşanda, özbaşdak iş ýerini taşlap gidende ol barada Ministrlige ýazmaça habar bermäge;

7) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki borçlary berjaý etmäge.

30. Ministrlik iş rugsatnamasy berlen adamlaryň sanawyny ýöredýär. Ministrlik resmileşdirilen iş rugsatnamalary baradaky maglumatlary işe çagyrylan adamlaryň ýa-da iş berijileriň (özbaşdak iş bilen meşgullanýanyň) hemişelik ýaşaýan ýeri boýunça welaýat häkimligine, Aşgabat şäheriniň häkimligine, Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugyna we Türkmenistanyň Içeri işler ministrligine iberýär.

31. Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Aşgabat şäheri boýunça müdirligi işe çagyrylan adamlaryň ýa-da iş berijileriň (özbaşdak iş bilen meşgullanýan) ýüztutmalary esasynda çagyrylan adamlary Aşgabat şäherinde bolýan ýeri boýunça bellenen tertipde bellige alýar.

Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijä 1-nji goşundy

**Iş berijiler tarapyndan berilýän ýüztutmanyň nusgasy**

_______________________________________________________________
_ *(ýüztutmany berýän iş berijiniň doly ady)*

Aşgabat şäheriniň _____________________________________________
*(çagyrylýan adamlaryň işlejek ýeriniň ady we salgysy)*

şu hata goşulýan goşundyda görkezilen hünärler, kärler (işiň ugurlary) boýunça işlemäge çagyrylýan ____ sany adamlara _________ möhlet bilen iş rugsatnamasyny resmileşdirmegiňizi haýyş edýär.

Ýüztutmamyz kanagatlandyrylan ýagdaýynda işe çagyrylan adamlaryň Aşgabat şäherinde ýerleşýän____________________________________________
*(salgysy)*

salgysynda wagtlaýyn ýaşap, işlejekdiklerini kepillendirýäris. Işe çagyrylýan adamlara Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan hukuklaryny we borçlaryny öz wagtynda düşündirmäge, olaryň Aşgabat şäherinde bolmagynyň tertibini berjaý etmegini üpjün etmäge borçlanýarys.

Goşundy: ____ sahypa we elektron göteriji.

Ýolbaşçy ________________________
*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

**M.Ý.**

Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijä 2-nji goşundy

**Özbaşdak iş bilen meşgullanýan tarapyndan berilýän ýüztutmanyň nusgasy**

Özbaşdak iş bilen meşgullanýan ________________________________________
*(familiýasy, ady, atasynyň ady)*
Aşgabat şäheriniň ________________________________________________________
*( işlejek ýeriniň ady we salgysy)*
şu hata goşulýan goşundyda görkezilen işiň ugurlary, görnüşi boýunça işlemäge _________ möhlet bilen iş rugsatnamasyny resmileşdirmegiňizi haýyş edýär.

Ýüztutma kanagatlandyrylan ýagdaýynda Aşgabat şäherinde ýerleşýän______________________________________________________________
*(salgysy)*
salgysynda wagtlaýyn ýaşap, işlejekdigimi kepillendirýärin. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan hukuklarymy, borçlarymy we Aşgabat şäherinde bolmagyň tertibini berjaý etmäge borçlanýaryn.

Goşundy: ____ sahypa we elektron göteriji.

Özbaşdak iş bilen meşgullanýan __________________________
*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijä 3-nji goşundy

**Iş beriji tarapyndan doldurylýan sowalnama**

<table>
<tr><td>1.</td><td>Ýüztutmany berýäniň doly ady</td><td colspan="6"></td></tr>
<tr><td>2.</td><td>Hukuk (öý) salgysy, telefon belgileri</td><td colspan="6"></td></tr>
<tr><td>3.</td><td>Salgyt kody</td><td colspan="6"></td></tr>
<tr><td rowspan="3">4.</td><td rowspan="3">Çagyrylýan işgärleriň sany</td><td rowspan="2">Jemi</td><td colspan="5">Şol sanda welaýatlar boýunça:</td></tr>
<tr><td>Ahal</td><td>Balkan</td><td>Daşoguz</td><td>Lebap</td><td>Mary</td></tr>
<tr><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>5.</td><td>Işe çagyrylmagyna zerurlyk</td><td colspan="6"></td></tr>
<tr><td>6.</td><td>Işe çagyrylýan adamlara Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan hukuklaryny we borçlaryny öz wagtynda düşündirmäge jogapkär işgäriň wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady, telefon belgileri</td><td colspan="6"></td></tr>
</table>

Sowalnamada görkezilenleriň dogrudygyny tassyklaýaryn:

Ýolbaşçy ________________________________

*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

**M.Ý.**

“____”___________ 20___ ý.

Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijä 4-nji goşundy

**Iş berijiler tarapyndan Aşgabat şäherinde zähmet işini amala aşyrmak üçin çagyrylan adamlaryň sanawy**

| № | Işe kabul edilýäniň familiýasy, ady, atasynyň ady | Jynsy (erkek-1, aýal-2) | Doglan wagty (gün/aý/ýyl) | Pasport maglumatlary | | | | Ýazgyda duran ýeri - salgysy (pasportynda ýazylyşy ýaly ýazmaly) | Aşgabat şäherinde wagtlaýyn ýaşajak salgysy | Işe kabul edilýäniň habarlaşmak üçin telefon belgisi | Bilimi we bilimi boýunça hünäri | Kabul edilýän wezipesi, käri | Işlejek ýeri (doly adyny ýazmaly) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | tapgyry | belgisi | berlen wagty | kim tarapyndan berlen | | | | | | |
| A | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 |

Ýolbaşçy ______________________________
*(iş beriji)* *( goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

**M.Ý.**

Işgärler bölüminiň başlygy ______________________________
*(eger bar bolsa)* *(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

“__”___________ 20___ ý.

Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijä 5-nji goşundy

**Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän özbaşdak iş bilen meşgullanýan barada maglumat**

| № | Işe kabul edilýäniň familiýasy, ady, atasynyň ady | Jynsy (erkek-1, aýal-2) | Doglan wagty (gün/aý/ýyl) | Pasport maglumatlary | | | | Ýazgyda duran ýeri - salgysy (pasportynda ýazylyşy ýaly ýazmaly) | Aşgabat şäherinde wagtlaýyn ýaşajak salgysy | Habarlaşmak üçin telefon belgisi | Bilimi we bilimi boýunça hünäri | Işiň görnüşiniň kody | Işlejek ýeri (doly adyny ýazmaly) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | tapgyry | belgisi | berlen wagty | kim tarapyndan berlen | | | | | | |
| A | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 |

Özbaşdak iş bilen meşgullanýan ____________________________________

*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

“_____”___________ 20___ ý.

Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijä 6-njy goşundy

## Iş rugsatnamasyny resmileşdirmek üçin berlen ýüztutmalary hasaba alynýan kitap

| T/b | Ýüztutmanyň berlen senesi we belgisi | Ýüztutmanyň Ministrlikde bellige alnan senesi we belgisi | Ýüztutmany ibereniň doly ady | Ýüztutmanyň mazmuny | Ýerine ýetirilişi barada maglumat | Iş rugsatnamasynyň berlen senesi we belgisi | Bellik (jogap hatynyň gowşurylandygy barada) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. | | | | | | | |
| 2. | | | | | | | |
| 3. | | | | | | | |

Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijä 7-nji goşundy

**Iş berijilere berilýän rugsatnama**

____________________________________
*(Iş rugsatnamasynyň berilmegi üçin ýüz*
____________________________________
*tutan iş berijiniň ady)*

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Siziň 20__-nj_ ýylyň __-nj_ __________daky _______ belgili ýüztutmaňyza Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän şahsy taraplary hasaba almak boýunça pudagara toparynyň 20___-nj_ ýylyň __-nj_ __________da/de geçirilen __-nj_ mejlisinde seredilendigini habar berýär.

Netijede ýüztutmada görkezilen____________________________________
_____________________________________________________________
*(iş rugsatnamasynyň berilmegi üçin ýüz tutan iş berijiniň ady)*
tarapyndan işlemäge çagyrylan _____ sany adama (sanawy goşulýar), olaryň Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan hukuklaryny we borçlaryny öz wagtynda düşündirmäge, Aşgabat şäherinde bolmaklygyň tertibini berjaý etmegini üpjün etmäge iş berijiniň borçludygyny bellemek bilen, _________ möhlet bilen zähmet işini amala aşyrmaga rugsat berildi.

Zähmet işini amala aşyrmaga rugsat berlen adamlaryň, Aşgabat şäherinde bolýan ýerleri boýunça degişli migrasiýa gullugynyň edaralarynda 5 (bäş) iş gününiň dowamynda bellige alynmagy, iş berijiniň hukuk salgysy boýunça etrap pensiýa gaznasynyň bölüminde hasaba alynmagy üpjün edilmelidir, şeýle hem olar işden boşanda, özbaşdak iş ýerini taşlap gidende, işini (wezipesini, kärini), ýaşaýan ýerini üýtgedende ol barada Ministrlige, migrasiýa gullugynyň edaralaryna 5 (bäş) iş gününiň dowamynda ýazmaça habar berilmelidir.

Goşundy: ___ sahypa.

Toparyň başlygy ______________________
*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

**M.Ý.**

Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijä 8-nji goşundy

**Aşgabat şäherinde özbaşdak iş bilen meşgullanýana berilýän rugsatnama**

______________________________
*(Iş rugsatnamasynyň berilmegi üçin ýüz tutan*
______________________________
*özbaşdak iş bilen meşgullanýanyň*
______________________________
*ady we ýazgyda duran salgysy)*

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Siziň 20__-nj_ ýylyň __-nj_ __________daky _______ belgili ýüztutmaňyza Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän şahsy taraplary hasaba almak boýunça pudagara toparynyň 20___-nj_ ýylyň __-nj_ __________da geçirilen ____-nj_ mejlisinde seredilendigini habar berýär.

Netijede ýüztutmada görkezilen işiň ugurlary, görnüşleri boýunça (maglumat goşulýar) Aşgabat şäherinde bolmaklygyň tertibini berjaý etmegi üpjün etmäge borçludygyňyzy bellemek bilen, _______ möhlet bilen Aşgabat şäherinde özbaşdak iş bilen meşgullanmaga rugsat berildi.

Zähmet işini amala aşyrmaga rugsat berlen adamyň, Aşgabat şäherinde bolýan ýeri boýunça degişli migrasiýa gullugynyň edaralarynda 5 (bäş) iş gününiň dowamynda bellige alynmagy, ýazgyda duran ýeri boýunça etrap pensiýa gaznasynyň bölüminde hasaba alynmagy üpjün edilmelidir. Şeýle hem ýaşaýan ýerini üýtgedende ol barada Ministrlige, migrasiýa gullugynyň edaralaryna 5 (bäş) iş gününiň dowamynda ýazmaça habar berilmelidir.

Goşundy: ___ sahypa.

Toparyň başlygy                         ______________________
*(goly)*             *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

**M.Ý.**

Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijä 9-njy goşundy

**Iş berijiler tarapyndan Aşgabat şäherinde zähmet işini amala aşyrmak üçin çagyrylan we iş rugsatnamasy berlen adamlaryň sanawy**

| № | Işe kabul edilýäniň familiýasy, ady, atasynyň ady | Jynsy (erkek-1, aýal-2) | Doglan wagty (gün/aý/ýyl) | Pasport maglumatlary | | | | Ýazgyda duran ýeri - salgysy (pasportynda ýazylyşy ýaly ýazmaly) | Aşgabat şäherinde wagtlaýyn ýaşajak salgysy | Işe kabul edilýäniň habarlaşmak üçin telefon belgisi | Bilimi we bilimi boýunça hünäri | Kabul edilýän wezipesi, käri | Işlejek ýeri (doly adyny ýazmaly) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | tapgyry | belgisi | berlen wagty | kim tarapyndan berlen | | | | | | |
| A | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 |

Toparyň başlygy ______________________________

*( goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

**M.Ý.**

Toparyň kätibi ______________________________

*( goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijä 10-njy goşundy

**Iş rugsatnamasy berlen özbaşdak iş bilen meşgullanýan barada maglumat**

| № | Işe kabul edilýäniň familiýasy, ady, atasynyň ady | Jynsy (erkek-1, aýal-2) | Doglan wagty (gün/aý/ýyl) | Pasport maglumatlary | | | | Ýazgyda duran ýeri - salgysy (pasportynda ýazylyşy ýaly ýazmaly) | Aşgabat şäherinde wagtlaýyn ýaşajak salgysy | Habarlaşmak üçin telefon belgisi | Bilimi we bilimi boýunça hünäri | Işiň görnüşiniň kody | Işlejek ýeri (doly adyny ýazmaly) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | tapgyry | belgisi | berlen wagty | kim tarapyndan berlen | | | | | | |
| A | 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 |

Toparyň başlygy

*( goly)* ________________ *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

**M.Ý.**

Toparyň kätibi

*( goly)* ________________ *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijä 11-nji goşundy

**Iş beriji tarapyndan iş rugsatnamanyň möhletini uzaltmak üçin berilýän ýüztutmanyň nusgasy**

______________________________________________________________

*(ýüztutmany berýän iş berijiniň doly ady)*

Aşgabat şäheriniň ______________________________________________

*(çagyrylýan adamlaryň işlejek ýeriniň salgysy we ady)*

________________________________________________________________

şu hata goşulýan goşundyda görkezilen hünärler, kärler (işiň ugurlary) boýunça işlemäge çagyrylan, öň Ministrligiňiziň “____” ___________ 20___ ý. senedäki _____ belgili iş rugsatnamasy resmileşdirilen _____ sany adamlaryň iş rugsatnamasynyň möhletini ______ möhlet bilen uzaldyp bermegiňizi haýyş edýär.

Ýüztutmamyz kanagatlandyrylan ýagdaýynda raýatlaryň Aşgabat şäherinde ýerleşýän____________________________________________________

*(salgysy)*

salgysynda wagtlaýyn ýaşap, işlejekdiklerini kepillendirýäris. Işe çagyrylýan adamlara Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan hukuklaryny we borçlaryny öz wagtynda düşündirmäge, olaryň Aşgabat şäherinde bolmagynyň tertibini berjaý etmegini üpjün etmäge borçlanýarys.

Goşundy: ____ sahypa we elektron göteriji.

Ýolbaşçy ___________________________

*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

**M.Ý.**

Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijä 12-nji goşundy

**Özbaşdak iş bilen meşgullanýan tarapyndan iş rugsatnamanyň möhletini uzaltmak üçin berilýän ýüztutmanyň nusgasy**

____________________________________________________________
*(ýüztutmany berýän özbaşdak iş bilen meşgullanýanyň familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Aşgabat şäheriniň_________________________________________________
*(işlejek ýeriniň salgysy we ady)*

şu hata goşulýan goşundyda görkezilen işiň ugurlary, görnüşleri boýunça işlemek üçin "____" ___________ 20___ ý. senedäki resmileşdirilen _____ belgili iş rugsatnamasynyň möhletini ______ möhlet bilen uzaldyp bermegiňizi haýyş edýär.

Ýüztutma kanagatlandyrylan ýagdaýynda Aşgabat şäherinde ýerleşýän____________________________________________________________
*(salgysy)*

salgysynda wagtlaýyn ýaşap, işlejekdigimi kepillendirýärin. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan hukuklarymy, borçlarymy we Aşgabat şäherinde bolmagyň tertibini berjaý etmäge borçlanýaryn.

Goşundy: ____ sahypa we elektron göteriji.

Özbaşdak iş
bilen meşgullanýan __________________________
*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijä 13-nji goşundy

**Iş berijilere berilen iş rugsatnamanyň möhletiniň uzaldylandygy baradaky habarnama**

__________________________________
*(Iş rugsatnamasynyň berilmegi üçin ýüz*
__________________________________
*tutan iş berijiniň ady)*

Siziň 20__-nj_ ýylyň __-nj_ __________daky _______ belgili ýüztutmaňyza Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän şahsy taraplary hasaba almak boýunça pudagara toparynyň 20___-nj_ ýylyň __-nj_ ________da geçirilen __-nj_ mejlisinde seredildi.

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, ýüztutmada görkezilen_______________________________________________
*(iş rugsatnamasynyň möhletiniň uzaldylmagy üçin ýüz tutan iş berijiniň ady)*
tarapyndan işlemäge çagyrylan ______ sany adama (sanawy goşulýar) berlen iş rugsatnamasynyň möhletiniň, olaryň Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan hukuklaryny we borçlaryny öz wagtynda düşündirmäge, Aşgabat şäherinde bolmaklygyň tertibini berjaý etmegini üpjün etmäge iş berijiniň borçludygyny bellemek bilen, ___________ möhlete uzaldylandygyny habar berýär.

Iş rugsatnamasynyň möhleti uzaldylan adamlaryň, Aşgabat şäherinde bolýan ýerleri boýunça degişli migrasiýa gullugynyň edaralarynda 5 (bäş) iş gününiň dowamynda bellige alynmagy üpjün edilmelidir, şeýle hem olar işden boşanda, özbaşdak iş ýerini taşlap gidende, işini (wezipesini, kärini), ýaşaýan ýerini üýtgedende ol barada Ministrlige, migrasiýa gullugynyň edaralaryna 5 (bäş) iş gününiň dowamynda ýazmaça habar berilmelidir.

Goşundy: __ sahypa.

Toparyň başlygy ____________________________
*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

**M.Ý.**

Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän fiziki şahslary hasaba almak boýunça gözükdirijä 14-nji goşundy

**Özbaşdak iş bilen meşgullanýana berilen rugsatnamanyň möhletiniň uzaldylandygy baradaky habarnama**

________________________________________
*(Iş rugsatnamasynyň möhletiniň uzaldylmagy üçin*
________________________________________
*ýüz tutan özbaşdak iş bilen meşgullanýanyň ady*
________________________________________
*we ýaşaýan ýeriniň salgysy)*

Siziň 20__-nj_ ýylyň __-nj_ __________daky _______ belgili ýüztutmaňyza Aşgabat şäherine zähmet işini amala aşyrmaga gelýän şahsy taraplary hasaba almak boýunça pudagara toparynyň 20__-nj_ ýylyň __-nj_ __________da geçirilen _____-nj_ mejlisinde seredildi.

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, ýüztutmada görkezilen işiň ugurlary boýunça (maglumat goşulýar), Aşgabat şäherinde bolmaklygyň tertibini berjaý etmegi üpjün etmäge borçludygyňyzy bellemek bilen, _______möhlet bilen Aşgabat şäherinde özbaşdak iş bilen meşgullanmaga berlen iş rugsatnamasynyň möhletiniň uzaldylandygyny habar berýär.

Iş rugsatnamasynyň möhleti uzaldylan adamlaryň, Aşgabat şäherinde bolýan ýerleri boýunça degişli migrasiýa gullugynyň edaralarynda 5 (bäş) iş gününiň dowamynda bellige alynmagynyň möhletiniň uzaldylmagy üpjün edilmelidir, işiniň görnüşini, ýaşaýan ýerini üýtgedende ol barada Ministrlige, migrasiýa gullugynyň edaralaryna 5 (bäş) iş gününiň dowamynda ýazmaça habar berilmelidir.

Goşundy: ___ sahypa.

Toparyň başlygy ______________________________
*(goly)* *(familiýasy, ady, atasynyň ady)*

**M.Ý.**